# Arşda Aý, zeminde ýeke-täk sonam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Arşda Aý, zeminde ýeke-täk sonam «ARŞDA AÝ, ZEMINDE ÝEKE-TÄK SONAM…»



Men seniň başyňa döneýin sonam,
Hem galam gaşyňa döneýin sonam.
Ýan diýseň oduňa ýanaýyn baky,
Arşda Aý, zeminde ýeke-täk sonam.
Aňk edipdir meni husny-jemalyň,
Demiň ýada salar dagyň şemalyn.

Ynan, gije-gündiz ýalňyz kemalym
Arşda Aý, zeminde ýeke-täk sonam.

Otdan alyp ýene atarsen oda,
Aşyk-magşuklara şeýlemi kada?!
Günäm nä, kasdyma çykdyňmy ýa-da?
Arşda Aý, zeminde ýeke-täk sonam. Goşgular